#12 (34)
понедельник, 22 марта 2021 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI ÝAZKY BAG EKMEK DABARASYNA GATNAŞDY




20-nji martda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda ýurdumyzda ýazky bag ekmek dabarasyna badalga berildi. Bag nahallaryny ekmek boýunça ählihalk dabarasy tebigatyň janlanýan we gülleýän pursadyndaky sahawatyny, halkymyzyň mähriban toprak baradaky aladany esasy ugur edinýän ruhy gymmatlyklarymyza, ýagşy dessurlarymyza ygrarlylygyny alamatlandyrýan Milli bahar baýramyna bagyşlandy.

Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk baýramynyň, Aşgabat şäheriniň 140 ýyllyk senesiniň bellenilýän ýylynda paýtagtymyzda we ýurdumyzyň sebitlerinde bag nahallarynyň millionlarça düýbi ekiler. Olaryň hatarynda saýaly, pürli we miweli baglaryň hem-de üzümiň dürli görnüşleri bar. Köpçülikleýin bag ekmek dabarasyna ýurdumyzyň ähli ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimlikleriniň işgärleri gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ak mermerli paýtagtymyzyň binagärlik keşbi bilen bitewi sazlaşygy emele getiren «Garagum» myhmanhanasynyň ýanynda bag ekmek üçin ýörite taýýarlanan ýere gatnaşdy.

Bu dabara Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň we pudaklaýyn düzümleriň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary we talyp ýaşlar garşyladylar.

Döwlet senasynyň dabaraly owazynyň astynda milli Tugumyz belende galdyryldy. Bu dabara ýurdumyzda Arkadag Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda asyrlar aşyp gelýän dünýä nusgalyk milli ýörelgelerimiziň häzirki zaman ekologiýa syýasaty bilen utgaşýandygynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzyň demirgazyk künjeginde düýbi tutulýan täze seýilgähiň ilkinji bag nahalyny oturdyp, Milli bahar baýramynyň hormatyna geçirilýän köpçülikleýin bag nahallaryny oturtmak dabarasyna badalga berdi.

Döwlet Baştutanymyzyň bu ýerde guralan asylly çärä gatnaşyp, bag nahalyny ekmegi dabaranyň ähmiýetini has-da artdyrdy we ol ýurdumyzda paýhasly pederlerimiziň döreden milli ýörelgeleriniň döwrebap derejede ösdürilýändigininiň subutnamasyna öwrüldi.

Şu ýyl 140 ýyllygy bellenilýän paýtagtymyzyň işewürlik we medeni-durmuş merkeziniň emele gelýän künjeginde täze döredilýän seýilgähiň çäklerinde guralan köpçülikleýin bag nahallaryny ekmek dabarasyna gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň göreldesine eýerip, bag ekmäge girişdiler.

Gadymy döwürlerden bäri ýaşaýşyň dabaralanýandygyny alamatlandyrýan Halkara Nowruz baýramy dünýäde giňden bellenilýär. Gündogar halklarynyň, şol sanda türkmen halkynyň özboluşly däp-dessurlaryny şöhratlandyrýan Nowruzyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi we oňa raýdaşlyk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň, dünýäniň halklarynyň arasynda özara düşünişmegiň we ynsanperwer hyzmatdaşlygyň güni hökmünde halkara derejäniň berilmegi bu senäniň ähmiýetini artdyrýar.

Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde tokaý zolaklaryny döretmek, seýilgähleriň çäklerini giňeltmek baradaky oňyn başlangyçlar halkymyz tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda köpçülikleýin bag nahallaryny oturtmak dabarasy indi asylly däbe öwrüldi.

Daşky gurşawa aýawly çemeleşmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Ýurdumyzda adamlaryň abadan ýaşaýşynyň möhüm bölekleriniň biri bolup durýan, BMG tarapyndan kabul edilen «2030-njy ýyla çenli Gün tertibiniň» möhüm ugry hökmünde ekologiýa örän uly üns berilýär.

Bular, ilkinji nobatda, ýer-suw serişdelerini rejeli peýdalanmaga, çölleşmä garşy göreşmäge, tebigatyň täsin künjeklerini aýawly saklamaga, Hazar deňziniň gurşawyny hem-de biologik köpdürlüligini goramaga we beýleki köpugurly möhüm meselelere degişlidir.

Milli hem-de ählumumy derejede ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek üçin ýurdumyzda Milli tokaý maksatnamasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Onda şäherleriň hem-de obalaryň töweregine, awtoulag hem-de demir ýollaryň ugrunda gök zolaklary döretmek göz öňünde tutulýar.

Mälim bolşy ýaly, Ministrler Kabinetiniň 12-nji fewralda geçirilen giňişleýin mejlisinde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek boýunça alnyp barylýan işleri has-da ýaýbaňlandyrmak hem-de Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli ekilýän bag nahallarynyň möçberini artdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanda 2021-nji ýylda saýaly, pürli, miweli baglaryň we üzümiň şol sanda ministrliklere we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna, Aşgabat şäheriniň häkimligine 10 million düýp nahalyň; welaýatlaryň häkimliklerine 20 million düýp nahalyň ekilmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Resminama bilen, ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň hem-de Aşgabat şäheriniň häkimlikleri miweli bag we üzüm nahallarynyň aýratyn kesgitlenen ýer böleklerinde görnüşleri boýunça ekilmegini hem-de ekilen saýaly, pürli, miweli bag we üzüm nahallarynyň damjalaýyn usulda suwarylmagyny üpjün etmäge borçly edildi.

Häzirki wagtda Aşgabady bagy-bossanly şäher hökmünde tanaýarlar, çünki tomsuň jokrama yssysynda hem gül-pürçük bolup oturan ýaşyl baglar, daş-töweregi salkynlaşdyrýan suw çüwdürimleri göreniň gözüni dokundyrýar.

Köpetdagyň eteklerinde arça, pürli hem-de ýaprakly agaçlar ekilen meýdanlar barha giňelýär. Şonuň netijesinde soňky ýyllarda bu ýerlerde guşlaryň we haýwanlaryň dürli görnüşleriniň, şol sanda seýrek duşýanlarynyň hem sany ep-esli artdy.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI GEÇIRILDI

19-njy martda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de birnäçe resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

Mejlisiň dowamynda, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Bitarap Türkmenistanyň ynsanperwer ugry boýunça halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça Daşary işler ministrligi tarapyndan geçirilýän işler barada hasabat berdi.

Bu köptaraply hyzmatdaşlygy giňeltmek maksady bilen, birnäçe teklipler, şol sanda hukuk ulgamyndaky gatnaşyklara degişli teklipler taýýarlanyldy. Şunuň bilen baglylykda, bu wezipeleri netijeli çözmek babatda «Türkmenistanda adam hukuklary boýunça hereketleriň 2016–2020-nji ýyllar üçin Milli meýilnamasynyň» netijeli amala aşyrylandygy bellenildi. Häzirki wagtda bu işi ulgamlaýyn esasda dowam etmek üçin Türkmenistanyň degişli edaralary we guramalary BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen bilelikde, bu resminamanyň 2021–2025-nji ýyllar döwri üçin taslamasyny taýýarladylar.

Täze meýilnama geljekki bäş ýylda ýurdumyzyň goşulan halkara resminamalaryndan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmäge gönükdirilen çäreleri özünde jemleýän milli gural bolup çykyş eder.

Türkmenistan Halkara Gyzyl Haç Komiteti bilen hem netijeli hyzmatdaşlygy ösdürýär. Türkmenistanda halkara ynsanperwer hukugyň ornaşdyrylmagy babatdaky 2018–2020-nji ýyllar üçin çäreleriň meýilnamasy bu gurama we beýleki ýöriteleşdirilen halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygyň netijeli usullarynyň biri hökmünde çykyş etdi. Bu meýilnamanyň 2021–2023-nji ýyllar üçin taslamasy işlenip taýýarlanyldy. Agzalan resminama halkara ynsanperwer hukuk babatda ilatyň habarlylygyny ýokarlandyrmakda, döwlet gullukçylarynyň, milli hünärmenleriň bilimlerini kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreleriň toplumyny öz içine alýar.

Abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk babatda BMG-niň ÝUNESKO ýaly iri ýöriteleşdirilen edaralary bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Hyzmatdaşlygy giňeltmek maksady bilen, döwlet Baştutanymyzyň Kararyna laýyklykda, ÝUNESKO-nyň işleri boýunça Türkmenistanyň milli toparynyň rejelenen Düzgünnamasy we düzümi tassyklanyldy.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Hökümeti bilen bu guramanyň arasynda 2021–2023-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk baradaky Ähtnamanyň taslamasy taýýarlanyldy. Resminama laýyklykda, bilim, ylym, medeniýet, suw serişdelerini dolandyrmak, statistika, sport, milli medeni ýadygärlikleri goramak ýaly ugurlarda hyzmatdaşlygy geljekki üç ýylyň dowamynda aýratyn meýilnama boýunça alyp barmak göz öňünde tutulýar.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

Интернет газета
Международные новости

# TURKMENISTAN CONTINUES TO COOPERATE WITH OSCE ON KEY DIMENSIONS



The last week was rich in terms of contacts between Turkmenistan and the Organization for Security and Cooperation in Europe (OSCE). Fruitful talks and meetings took place aimed at furthering cooperation on security, economy, ecology and human dimension.

Thus, on March 17, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met via videoconferencing with the OSCE Secretary General Helga Schmid.

During the meeting, the present condition and prospects of cooperation between Turkmenistan and the OSCE were discussed. A constructive exchange of views took place on the implementation of joint tasks based on the three dimensions.

The cooperation on maintaining security in the region, including the fight against terrorism, illegal drug and human trafficking was thoroughly considered. The commitment of the Turkmen side to the development of the OSCE Integral Security Strategy initiated on its part was confirmed.

The parties noted the importance of involving effective means and mechanisms on conflict prevention between the countries. In this regard, the Turkmen side has proposed to consider the application of new political-diplomatic tools, in particular with the use of positive neutrality principles.

In addition, the proposal of Turkmenistan on convening the Regional Conference on Combating Terrorism Financing and Transnational Organized Crime was voiced. The possibilities of collaboration in the field of cybersecurity on the national level were discussed.

The Afghan issues were also discussed. It was stated that Turkmenistan considers the major energy, transport and communication projects as the driving force on the way to overall reestablishment of the friendly neighboring country.

Also, the parties thoroughly discussed the overall economic issues on regional and worldwide level. The importance of stable access to energy resources from the standpoint of regional and global development was stated. The Turkmen side has noted that being one of the largest producers and suppliers of energy resources in the world, Turkmenistan actively continues to work on the establishment of flexible mechanisms for the supply of such resources to the world markets. In this regard, the country has already proposed to establish a specialized OSCE structure, the Council on Sustainable Energy.

Also, the issues of widening collaboration in the field of transport and ecological safety were discussed. In this regard, the significance of the OSCE project on Promoting the Development of Green Ports and Interconnectivity in the Caspian Sea Region was emphasized. Turkmenistan aims to support the process of the development of green ports, digitalization and simplification of trade and transport communications in Central Asia and the Caucasus.

It was stated that the expert meetings on studying the possibility of developing the Comprehensive OSCE Environmental Program continue.



The human dimension was also among the topics of the meeting's agenda. The parties considered the results of cooperation in the area of promoting and protecting the human rights, maintaining gender equality. The efficiency of cooperation of the country with OSCE through the Office of Ombudsperson of Turkmenistan was highlighted. In addition, the importance of contacts with the OSCE High Commissioner on National Minorities was underlined.

The vital role of the OSCE Center in Ashgabat in the advancement of joint initiatives and projects, including the development of modern digital media in Turkmenistan was stated.

The Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the OSCE Secretary General Helga Schmid agreed to continue active dialogue for the sake of peace, stability and overall development.

It is pertinent to note that on the eve of the videoconferencing meeting of the Turkmen Foreign Minister with the OSCE Secretary General, important events took place in regard to cooperation with the OSCE on human dimension.

On March 16, the Central Asian Forum: "The Role of Women in Fostering Peace, Trust and Security", organized on high level by the Government of Turkmenistan and the Organization of Security and Cooperation in Europe was been held in videoconferencing format.

The high-level Forum was attended by the OSCE Chairperson-in-Office and Minister of Foreign affairs of Sweden Ann Linde, OSCE Secretary General Helga Schmid, parliamentarians and high-ranking representatives of international organizations. The delegation of Turkmenistan at the Forum was headed by the Chairwoman of the Mejlis (Parliament) of Turkmenistan Gulshat Mammedova.

During the meeting, a constructive exchange of views took place on promoting gender equality, including the issue of guaranteeing the legal rights of women which is among the pressing issues of the present time.

As the Chairwoman of Turkmen Parliament mentioned in her speech, the fundamental environment for the fulfillment of women rights has been created in the country. In this context, the significance of the second National Plan of Actions on Gender Equality in Turkmenistan for the period of 2021-2025 adopted in December 2020 was underlined.

In the same day, an online meeting of the Human Dimension Committee of the Organization for Security and Cooperation in Europe on the topic of "Participation of women in political life" was held.

The head of the Department of Democracy and Human Rights of the Institute of State, Law and Democracy of Turkmenistan Shemshat Atajanova took part in the work of the meeting.

In her speech, Ms. Atajanova informed the participants about the gender policy of Turkmenistan, equal participation of women in all spheres of the socio-political, economic, social and cultural life of the country.

In particular, she noted that Turkmenistan is determinedly conducting active work on a wide range of issues in the human dimension, including ensuring gender equality in accordance with generally accepted norms of international law. Gender equality issues are reflected in all national programs of social and economic development of the country, which is aimed at further integration of women into economic and cultural development.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI GEÇIRILDI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistan Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy (ÝHHG) bilen ynsanperwer ulgamda netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Hususan-da, ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkezi bilen bilelikde şu ýylyň dowamynda ylym-bilim we hukuk ulgamlarynda hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ugry boýunça 18 taslamany amala aşyrmak meýilleşdirilýär.

ÝHHG-niň Milli azlyklaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň edarasy bilen hem ysnyşykly gatnaşyklar ýola goýuldy. Häzirki wagtda ýerine ýetirilýän işleri ulgamlaýyn esasda alyp barmak maksady bilen, ýurdumyzyň Bilim ministrliginiň we Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Milli azlyklaryň işleri boýunça Ýokary Komissarynyň edarasynyň arasynda Türkmenistanda dil we medeniýet köpdürlüligi boýunça hyzmatdaşlyk hakyndaky Ähtnamanyň taslamasy taýýarlanyldy.

Milli Liderimiziň başlangyjy bilen döredilen Türkmenistanyň adam hukuklary babatda halkara borçnamalarynyň we halkara ynsanperwer hukugyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek boýunça pudagara toparynyň işi yzygiderli kämilleşdirilýär. Muňa mysal hökmünde pudagara toparyň halkara guramalaryň wekilleri bilen bilelikde geçiren mejlislerini görkezmek bolar.

Şunuň bilen baglylykda, 24-nji martda Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň binasynda pudagara toparyň nobatdaky mejlisini geçirmek teklip edilýär. Onuň gün tertibine şu ýylda abraýly halkara guramalar bilen ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge hem-de bilelikde taýýarlanylan iş meýilnamalaryny durmuşa geçirmäge degişli meseleler giriziler. Şeýle hem şol mejlise sanly wideoaragatnaşyk arkaly Merkezi Aziýa sebitinde we Türkmenistanda işleýän halkara guramalaryň wekilleriniň gatnaşmagy teklip edilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň ählisi bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde ynsanperwer ulgamda netijeli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagynyň we giňeldilmeginiň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini nygtady.

Bu ugurda ýurdumyz iri halkara guramalar, şol sanda BMG we onuň ýöriteleşdirilen edaralary, ÝHHG hem-de beýleki abraýly düzümler bilen netijeli hyzmatdaşlyk edýär. Döwlet Baştutany üstünlikli amala aşyrylan we durmuşa geçirilýän, milli hem-de umumy bähbitlere laýyk gelýän bilelikdäki taslamalaryň uzak möhletli geljegi nazara almak arkaly guralýan bu hyzmatdaşlygyň aýdyň netijesidigini belledi.

Türkmenistan öz üstüne alan halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmäge berk ygrarlydygyny görkezip, ynsanperwer hyzmatdaşlyk meselelerinde işjeň orny eýeleýär hem-de sebit we ählumumy derejede parahatçylygydyr abadançylygy üpjün etmäge, häzirki döwrüň wajyp wezipelerini çözmäge, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen anyk başlangyçlary öňe sürýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bular barada aýtmak bilen, hödürlenen teklipleri makullady hem-de wise-premýere, daşary işler ministrine olary durmuşa geçirmek, ýokarda agzalan ulgamda netijeli hyzmatdaşlyk üçin köptaraply kuwwatdan has netijeli peýdalanmak boýunça degişli tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutany mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, şu ýyl Milli bahar baýramynyň — Halkara Nowruz gününiň ýekşenbe gününe gabat gelýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutany Kanuna laýyklykda, 21-nji martdaky dynç gününi 23-nji martdaky sişenbe gününe geçirmek baradaky Permana gol çekdi.

Dowamly dynç alyş bilen baglylykda, ýolbaşçylara ähli häkimliklerde, kärhanalarda we guramalarda gije-gündiziň dowamynda nobatçylygyň guralmagyna gözegçilik etmek tabşyryldy. Hukuk goraýjy edaralara hem degişli görkezmeler berildi.

Soňra Türkmenistanyň Prezidenti mejlise gatnaşyjylary we tutuş türkmen halkyny «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilen ýylda ýetip gelen Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlady we hemmelere berk jan saglyk, uzak ömür, maşgala abadançylygyny, täze zähmet üstünliklerini arzuw etdi.

«Goý, Nowruz baýramynyň şirin nagmalary, belent joşguny mähriban Watanymyzyň beýik ösüşleriniň, agzybir halkymyzyň bagtyýar, abadan hem-de bolelin durmuşynyň waspy bolup ýaňlansyn!» diýip, Prezident sözüni jemledi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANDA HALKARA NOWRUZ GÜNI — MILLI BAHAR BAÝRAMY ULY ŞOWHUN BILEN BELLENILDI

21-22-nji martda Milli bahar baýramy ýurdumyzyň ähli künjeginde bellenildi. Paýtagtymyzda esasy wakalar Garagum derýasynyň kenarynda guraldy. Baharyň gelmegi, tebigatyň janlanmagy mynasybetli guralýan we adamlaryň arasynda ylalaşygy, hoşniýetli goňşuçylygy we dostlugy alamatlandyrýan baýramçylyga gatnaşýan myhmanlar we beýleki adamlar ir bilen dabaralaryň geçýän ýerine ýygnandylar.

Nowruz asyrlaryň jümmüşinden biziň günlerimize gelip ýeten möhüm sene bolmak bilen, ähli halklaryň bagtyýar durmuşynyň we ählumumy gülläp ösüşiň bähbidine berkarar bolan parahatçylyk senasyna öwrüldi. Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ýer ýüzünde parahatçylygyň berkarar edilmegi ugrunda Türkmenistanyň alyp barýan parahatçylyk söýüjilikli işleriniň tutuş adamzadyň bähbidine gönükdirmek baradaky wajyp halkara başlangyçlarynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ýokary baha mynasyp bolýandygyny bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiziň teklibini Birleşen Milletler Guramasy makullap we Baş Assambleýanyň Kararnamasy esasynda 2021-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip ykrar edildi.

Birleşen Milletler Guramasy 21-nji marty Halkara Nowruz güni diýip yglan etmek bilen, bu baýramçylygyň halklaryň arasyndaky parahatçylykly gatnaşyklary berkitmek, dost-doganlyk we ynsanperwerlik ýörelgelerini ösdürmek ugurlaryny özünde jemleýändigini ykrar etdi.

Garagum derýasynyň kenarynda ýaýbaňlandyrylan baýramçylyk dabaralary halkymyzyň özboluşly däp-dessurlary bilen utgaşdyryldy. Hatara düzülen ak öýleriň golaýynda toý gazanlary ataryldy. Şeýle hem ýörite gurnalan ýerlerde senetkärleriň elinden çykan ajaýyp gap-gaçlar, gündogar bazarlaryna mahsus görnüşler baýramçylyk dabarasyny has-da belende göterdi. Bu ýerde gadymy döwürdäki ýaly şowhunyň — täjirleriň özara söwdalarynyň janlandyrylmagy ýurdumyzyň sebitiň döwletleriniň arasynda söwda gatnaşyklaryny ýola goýmakda möhüm orun eýeleýändigini aňladýar.

Baýramçylyk dabarasy geçirilýän meýdanyň esasy girelgesiniň ýanynda myhmanlary goşgy aýdýan çagalar «Nowruz buşlama» atly çykyşlary bilen garşyladylar.

Nowruz diňe bir baharyň gelendigini buşlaýan sene bolman, eýsem, topragyň janlanýandygyny hem alamatlandyrýar. Bu sene halklaryň arasyndaky ylalaşygyň berkarar bolýandygyny äşgär edýär.

Bu baýram halkymyzyň belent ruhuny, zähmetsöýerligini hem-de galkynyşy özünde jemlemek bilen, hemmeleri ösüşiň täze belentliklerine ruhlandyrýar we ýüreklerimizde gülläp ösýän Watanymyza, bagtyýar şu döwrümize hem-de nurana geljegimize buýsanjymyzy, söýgimizi artdyrýar.

Интернет газета
Международные новости

## ТУРКМЕНИСТАН И КЫРГЫЗСКАЯ РЕСПУБЛИКА АКТИВИЗИРУЮТ ВЗАИМОВЫГОДНОЕ ПАРТНЁРСТВО



18 марта Министр иностранных дел Туркменистана Рашид Мередов по видеосвязи провёл встречу с Министром иностранных дел Кыргызской Республики Русланом Казакбаевым.

На повестку дня переговоров были вынесены ключевые вопросы межгосударственного туркмено-кыргызского диалога в политико-дипломатической, а также в торгово-экономической и культурно-гуманитарной областях. Дипломаты сделали особый акцент на организацию визитов на высшем уровне в текущем году.

Подчеркнута важность активизации политических консультаций между внешнеполитическими ведомствами Туркменистана и Кыргызской Республики. В данном контексте стороны отметили схожесть позиций двух стран по основным вопросам региональной и международной повестки. Дипломаты также рассмотрели ключевые аспекты эффективного взаимодействия двух государств в рамках ООН, ОЭС, СНГ и других авторитетных региональных и международных структур.

Министры также отметили необходимость всесторонней интенсификации двусторонних контактов в области торговли и экономики, в том числе выражены предложения о проведении экспертных встреч для их активизации.

Отмечена перспективность сотрудничества в сфере энергетики, транспорта, сельского хозяйства, где есть солидный потенциал для обоюдной реализации. В этом контексте подчеркнута целесообразность проведения регулярных встреч Межправительственной туркмено-кыргызской комиссии по торгово-экономическому, научно-техническому и гуманитарному сотрудничеству.

## MEETING OF THE FOREIGN MINISTER OF TURKMENISTAN WITH THE NEW CONSUL GENERAL OF AFGHANISTAN IN MARY



On March 18, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met with the new Consul General of the Islamic Republic of Afghanistan in Mary city Nuriddin Rahmani. The meeting was held in the premises of the MFA of Turkmenistan.

At the beginning of the meeting, the Consul General of Afghanistan presented his consular patent to the Turkmen side. In turn, he was awarded consular exequatur by the MFA of Turkmenistan.

The parties considered current state and perspectives of the development of friendly Turkmen-Afghan relations. The high level of trust and understanding between the leadership and the peoples of two friendly countries was stated.

The commitment of the parties to build-up the potential of bilateral cooperation in the spheres of transport, communications and energy was expressed.

The Consul General Nuriddin Rahmani assured that in the new post he intends to fully contribute to strengthening and development of traditional relations of friendship and cooperation between Turkmenistan and the Islamic Republic of Afghanistan.

## THE NOVRUZ HOLIDAY IS WIDELY CELEBRATED IN THE INTERNATIONAL YEAR OF PEACE AND TRUST

In these days of March of 2021, festive events are taking place in Turkmenistan and abroad in honor of the Novruz holiday. During the successive assembly of the Government in Ashgabat, the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov congratulated the compatriots and residents of the countries celebrating the Novruz with this friendly spring holiday and wished good health, peace and wellbeing to all.

The diplomatic representatives of Turkmenistan abroad have organized special events in honor of the given holiday of international scope. In fact, in February 2010, the UN General Assembly has recognized the 21st of March as the International Day of Novruz. It is worthwhile to note that this holiday was also entered in the Representative List of Intangible Cultural Heritage of the Humankind.



The Embassy of Turkmenistan in the Republic of Azerbaijan took part in the event dedicated to the Novruz holiday which was held in the premises of the International Fund of Turkic Culture and Heritage and organized a stand in the framework of the event in honor of the current year with the slogan of "Turkmenistan – Homeland of Peace and Trust".

The Consulate General of Turkmenistan in the Islamic Republic of Afghanistan, Herat city organized a festive event in honor of the Novruz holiday which was also dedicated to the 30th anniversary of Independence of Turkmenistan and the announcement of the year 2021 in the country as "Turkmenistan – Homeland of Peace and Trust".

The Permanent Mission of Turkmenistan to the UN Office at Geneva jointly with the Missions of Azerbaijan, Afghanistan, Iran, Iraq, India, China, Pakistan, Peru, Russia, Turkey and the Central Asian states organized a virtual celebration of the Novruz holiday. The participants demonstrated short videos on the national traditions and customs of celebrating Novruz in their respective countries.

Upon the initiative of the Embassy of Turkmenistan in Romania jointly with the Embassy of Iran in Bucharest, and in assistance of the "Dimitrie Gusti" National



Village Museum organized a ceremony of lunching festive exhibition dedicated to the International Day of Novruz. The Minister of Culture of Romania Bogdan Gheorghiu attended the exhibition. The main part of the event was the national exposition held in the Museum, dedicated to the cultural heritage of the countries, which was also available in the virtual format. The showcase of Turkmenistan showed the elements of cultural heritage of Turkmenistan and the economic achievements of the country.

In the city of Kazan of the Republic of Tatarstan of the Russian Federation, festive events took place in honor of the Novruz holiday. The National-cultural autonomy of Turkmen in Tatarstan in assistance of the Consulate General of Turkmenistan in the Russian Federation (Kazan city), organized an exhibition where the cultural values of Turkmen people, as well as the books of the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, national jewelry, hand-made carpets and dishes were displayed.



The Embassy of Turkmenistan in the Republic of Austria organized a roundtable dedicated to the 30th anniversary of Independence of Turkmenistan and the announcement of the year 2021 in the country as "Turkmenistan – Homeland of Peace and Trust". The event was also dated to the holiday of Novruz which symbolizes the friendship among nations. The event was attended by the representatives of the diplomatic corps and international organizations in Austria, mass media.

The Embassy of Turkmenistan in the Republic of Belarus organized a festive concert in honor of the Novruz holiday. The Turkmen students studying in Belarus took active part in the event.

## *Nowruz - parahatçylygyň we ynsanperwerligiň baýramçylygy*



Degre-daşymyzy lälezarlyga besläp, nagmalara ganat bagladyp, asuda älemi aýdym-saza öwrüp gelen Nowruz dünýäniň gözelliginiň gözlegindäki göwünlere şatlyk-gülki we ylham-joşgun paýlady. Ýaşyl ýazlaryň bakylyk buşlugyna diň salan parahat Zemin ýaşlygyny tug edinip parlatdy. Baharyň gelmegi türkmen tebigatynda lälezarlygy, nuranalygy, joşgunly hem sazlaşykly döwrüň başlanýandygyny aňladýar. Bahar buşlukçysy bolan bilbillerdir gazlar gözel ýurdumyza Hakyň salamyny ýetirdi. Asman monjugyna meňzeýän ýyldyzlaryň ýyldyraşmasy, ýaz damjalarynyň bägülleriň lebinde bulduraşmasy, arzuwçyl kalplaryň gözelligini görkezýän älemgoşar reňkleriniň sazlaşygy, güneşiň göwher deý ýaldyramagy dünýämizi täsin ahwala düşürdi.

Bahar baýramy – biri-biri bilen täsin sazlaşykda ýaşaýan ynsanlaryň hem-de tebigatyň baýramy. Zemini al-elwan güllere bezeýän, daglary-düzleri, uç-gyraksyz sähralary ýaşyl begrese büreýän, pasyllaryň soltany bahar paslynda türkmen topragy aýratyn owadanlyga eýe bolýar. Şonuň üçin hem bahar paslynyň ajaýyp joşguny bolan Milli bahar baýramyny türkmen halky täzelenişiň, janlanyşyň, gözelligiň baýramy hasap edýär.

Parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watanynda her Nowruz täze ýylyň, täze üstünlikleriň we täze ýeňişleriň başlangyjy hökmünde garşy alynýar. Türkmen sährasynyň röwşen reňklere beslenen günlerinde täze arzuw-niýetleriň, umyt-islegleriň baýramy — Milli Bahar baýramy uly dabara bilen giňden bellenilip geçilýär. Asylly däp-dessurlarymyza eýerýän ata-babalarymyz täzelenişiň baýramynda dünýämiziň haýra, rysgal-berekete we baky bagtyýarlyga beslenjekdigine ynanypdyrlar. Asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan bu baýramçylygyň ähli musulman ýurtlarynda milli äheňde bellenilip geçilmegi-de aýratyn mana eýe. Türkmen milli oýunlarynyň şatlyk-şowhuny, rysgal-berekete baý nowruz saçagynyň bezegi bolan türkmen milli tagamlary, baýramçylyk semenesi, Jeýhun bilen bahry-Hazar arasynyň gözel tebigaty köňül guşuny asmana, Asman yşkyny bolsa Ýere ýetirýär. Semeni «näziklik», «gül», «päkizelik» diýen düşünjäni aňladýar. Nowruzda bişirilen semeniden datmak sogap hasaplanýar.



Her bir halk öz medeniýetiniň, sungatynyň özboluşlylygy, ýeten kämillik derejesi bilen şöhratlanýar. Medeniýet we sungat Diýarymyzyň düýpgöter täzelenen keşbini we jemgyýetimiziň ösüşiniň häzirki zaman sepgidinde halkymyzyň synmaz ruhunyň galkynan eýýamynyň beýanyny mynasyp wagyz ediji paýhasdyr. Şoňa görä-de, medeni ösüşde taryhy döwrüň ähli özgertmeleri, şu döwrüň gazanan belent üstünlikleri, geljegiň nurana maksatlary öz beýanyny tapýar. Munuň şeýledigini Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň her bir gününiň medeniýetiň we sungatyň altyn asyryna öwrülişiniň medeni-ynsanperwer ylymlaryň ösüşi, aň-bilim we ruhy ýokary göteriliş, döredijilik we özgerdiji pikiriň galkynmagy bilen utgaşýanlygynda görýäris. Milli medeniýet, onuň däp-dessurlary we nusgawy ruhy ýörelgeler türkmen halkynyň ýaşaýşynyň esasyny düzýär. Halkymyzyň ruhy gymmatlyklary şöhratly taryhymyzyň jümmüşinde taplandy. Şoňa görä-de, medeniýet wagtyň bize galdyran ajaýyp peşgeşi hökmünde mertebelenýär.

Ýokarda aýdanlarymyzyň aýdyň subutnamasyny mart aýynyň 21-iniň — Milli Bahar baýramymyzyň 2010-njy ýylyň 18-nji fewralynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasynyň 71-nji umumy duşuşygynda «Halkara Nowruz güni» diýlip yglan edilmeginde hem görýäris.

Günleri günlerden, ýyllary ýyllardan zyýada bolan, toýlary goşa-goşadan gelýän şeýle ajaýyp Watanyň gülli goýnunda eşretli durmuşda ýaşamagymyz üçin halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen köp taraply işleri alyp barýan Mähriban hem Gahryman Arkadagymyza köp köp sag bolsun aýdýarys. Döwrümize baky bahary bagyşlap, şöhratly geçmişimiziň şuglasy bilen beýik özgertmeleriň ýeňişli ýollaryndan ynamly öňe barýan Bitarap Watanymyzy ak ertirlere ataran hormatly ýurt Baştutanymyzyň jany sag, başy dik, ömri uzak bolsun!

***Gözel PİRMUHAMEDOWA,***
***Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň žurnalistika kafedrasynyň mugallymy.***

Интернет газета
Международные новости

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***В Ашхабаде прошла Международная научно-практическая конференция «История архитектуры и культуры»***

Конференция состоялась в гибридном формате в Музее изобразительных искусств Туркменистана. На конференции приняли участие представители Туркменистана, Азербайджана, Армении, Беларуси, Грузии, Кыргызстана, России, Узбекистана, а также СНГ.

В рамках мероприятия участники ознакомились с выставкой, подготовленной Государственной Академией художеств Туркменистана и Туркменским архитектурно-строительным институтом.

Участниками международной научно-практической конференции была особо подчеркнута значимость проведения такого рода мероприятий в свете упрочения сотрудничества на региональном уровне. Также высказана необходимость интенсификации совместных работ по всесторонней популяризации Года архитектуры и градостроительства на площадке СНГ, а также Международного года мира и доверия на международном уровне.

В ходе конференции также был показан видеоролик о культурном наследии и архитектуре Туркменистана.

***Минфин Туркменистана подписал Меморандум с британской JCB Sales Limited***

Министерство финансов и экономики, а также Союз промышленников и предпринимателей Туркменистана (СППТ) подписали Меморандум о взаимопонимании с британской компанией JCB Sales Limited.

В документе выражена заинтересованность СППТ в приобретении продуктов JCB.

Также Меморандумом предусмотрена совместная работа по формированию технических параметров продукции, предоставлению данных по новейшим доступным технологиям для повышения общей эффективности, снижению затрат и наращиванию производительности.

***Состоялся вебинар с участием представителей бизнес кругов Франции***

На вебинаре приняли участие представители министерств и ведомств, Хякимлика города Ашхабад, Союза промышленников и предпринимателей Туркменистана, а также руководство французской ассоциации предпринимателей «MEDEF International», представители 36 крупных французских компаний.

Стороны обсудили широкий спектр вопросов торгово-экономического характера.

Представители туркменской стороны ознакомили участников с инвестиционными проектами, которые планируется осуществить в стране с зарубежными партнерами и призвали французские компании принимать активное участие в них.

Также в ходе вебинара с туркменской стороны были представлены презентации, посвященные сферам урбанизации, градостроительству, сельскому хозяйству, информационным технологиям и транспорту.

***Туркменистан продолжает активно сотрудничать с японскими компаниями***

Состоялась онлайн рабочая встреча между Государственным министром, председателем государственного концерна «Туркменгаз» Б.Амановым и Президентом японской компании «Kawasaki Heavy Industries, Ltd.» Т.Ватанабе.

На встрече были обсуждены нынешнее состояние и будущее сотрудничество между японской компанией и Туркменистаном. Особое внимание было уделено вопросам, связанным с окончанием гарантийного срока промышленного комплекса в Ахалском велаяте, производящего экологически чистый синтетический бензин из природного газа.

В ходе встречи стороны также отметили позитивный характер двустороннего сотрудничества и определили новые приоритетные направления активизации взаимовыгодных отношений.

***Рассмотрены возможности развития партнерства в области здравоохранения между Туркменистаном и Казахстаном***

Состоялась встреча в онлайн формате между Министром здравоохранения и медицинской промышленности Туркменистана Нурмухаммедом Аманнепесовым и Министром здравоохранения Республики Казахстан Алексеем Цой.

Стороны обсудили вопросы двустороннего сотрудничества в области здравоохранения и определили дальнейшие перспективы взаимодействия.

Казахстан предложил продолжить партнерство с Туркменистаном по постоянному обмену информацией касательно текущей эпидемиологической ситуации, вызванной пандемией, и проводимым мерам по стабилизации ситуации.

***В Туркменистане учреждены почетные звания народный и заслуженный собаковод страны***

Меджлис Туркменистана на сессии по видеосвязи принял проекты законов об учреждении почетных званий народный собаковод и заслуженный собаковод страны.

Как подчёркивали выступавшие, одним из приоритетов государственной политики является сохранение и популяризация в мире национального историко-культурного наследия. Важным аспектом проводимой масштабной работы в данной области стало развитие селекции туркменских алабаев, увеличение численности этой уникальной породы, создание в стране современной инфраструктуры профессионального собаководства.

Напомним, что ранее Президент Туркменистана учредил Праздник туркменского алабая, который страна впервые отметит в этом году в последнее воскресенье апреля вместе с Национальным праздником туркменского (ахалтекинского) коня.

***Встреча Генерального консула Туркменистана с руководством АО «Татмедиа»***

Состоялась встреча Генерального консула Туркменистана в Российской Федерации (г.Казань) А.Байрамова с Руководителем Республиканского агентства по печати и массовым коммуникациям АО «Татмедиа» А.Салимгараевым и Генеральным директором Телерадиокомпании «Новый Век» (ТНВ) И.Аминовым.

В ходе встречи стороны обсудили вопросы осуществления сотрудничества посредством взаимного размещения и обмена новостных материалов, взаимной аккредитации журналистов на территории Туркменистана и Республики Татарстан, разработки и продвижения интернет сайта открывающегося Туркменского дома торговли в г.Казань. Также говорилось о выпуске совместных тематических журналов, видеорепортажей, увеличении количества вещаемых каналов, используя возможности национального искусственного спутника «ТуркменАлем», участия татарстанских специалистов на проводимых в Туркменистане мероприятиях.

***Туркменистан и крупный российский регион намерены увеличить товарооборот***

Туркменистан и Волго-Камский макрорегион России отметили необходимость действенных шагов для роста двустороннего товарооборота.

Об этом говорилось в ходе онлайн встречи на которой присутствовали представители Генконсульства Туркменистана в Казани, руководители министерств и ведомств Туркменистана и Чувашской Республики, а также Пермского края РФ.

Сообщается, что стороны сделали акцент на важности облегчения процедуры получения въездных виз, а также бесперебойной транспортировки грузов и финансовых расчетов.

Также была выражена уверенность в том, что предстоящий в 2021 году в Туркменистане VI Саммит глав прикаспийских государств придаст импульс расширению сотрудничества между регионами России, расположенными в Волго-Камском бассейне и Туркменистаном.

***Во Владимире проходит Неделя туркменской культуры***

При поддержке администрации Владимирской области и Посольства Туркменистана в РФ, в городе Владимир проходит Неделя туркменской культуры.

В церемонии открытия мероприятия под названием «Ковёр традиций, вытканный в веках», которая состоялась во Владимирской областной библиотеке для детей и молодёжи в рамках проекта «Владимир интернациональный», приняли участие представители областной администрации, Посольства Туркменистана, туркменские студенты, обучающиеся во Владимирском государственном университете имени А.Г. и Н.Г.Столетовых, представители общественных организаций и средств массовой информации Владимирской области.

В рамках мероприятия гости были ознакомлены с культурой, обычаями и традициями туркменского народа. В исполнении туркменских студентов прозвучали песни и стихи на туркменском языке. Также туркменские студенты в национальных костюмах исполнили народный танец «Куштдепди».

К мероприятию была приурочена выставка, в которой были представлены фотографии и картины о богатой культуре и традициях туркменского народа, природе Туркменистана, а также современных достижениях страны.

***В Ашхабаде состоялся круглый стол, посвященный СОР26***

Организованный Министерством иностранных дел Туркменистана совместно с Посольством Великобритании в Туркменистане круглый стол прошел под названием «На пути к конференции ООН по изменению климата 2021 (СОР26): усилия Туркменистана по борьбе с изменением климата и перспективы на будущее».

В мероприятии в гибридном формате приняли участие представители соответствующих министерств и ведомств Туркменистана, Правительства Великобритании, иностранных дипломатических миссий, международных организаций, исследовательских институтов, партнеров по развитию и доноры.

Нынешний круглый стол, посвященный конференции СОР26, которая состоится в Глазго, Великобритания, в ноябре 2021 года, стал своеобразной платформой на уровне экспертов для генерации новых идей и направлений международного сотрудничества, особенно в области сокращения выбросов парниковых газов (ПГ) и перехода к низкоуглеродным и возобновляемым источникам энергии.

В ходе встречи также продемонстрированы усилия Туркменистана по решению проблемы изменения климата и приверженность страны выполнению своих обязательств в рамках глобальных климатических соглашений, отражающих текущую работу, которая проводится в стране, а также планы на будущее.

***Обсуждены актуальные вопросы климатической дипломатии в Центральной Азии***

Состоялась очередная онлайн-встреча представителей МИД и высших представительных органов законодательной власти стран Центральной Азии, в ходе которой обсуждены актуальные вопросы климатической дипломатии региона бассейна Аральского моря.

Мероприятие организовано в рамках реализации проекта Всемирного банка «Программа по адаптации к изменению климата и смягчению его последствий в бассейне Аральского моря (CAMP4ASB)», исполнительным агентством которого является Региональный экологический центр Центральной Азии.

Участники положительно оценили достигнутые в рамках проекта CAMP4ASB результаты как на национальном, так и на региональном уровнях, в частности законодательные и политические усилия по сокращению парниковых газов в рамках реализации положений Парижского соглашения и переходу стран Центральной Азии к «зеленой экономике».

В ходе встречи объявлено о запуске Платформы климатической информации в Центральной Азии (ЦАКИП), которая позволит странам региона получать доступ, анализировать и визуализировать общедоступные климатические данные.

***Состоялось III совещание министров сельского хозяйства стран ЦА***

Видеоконференция руководителей министерств сельского хозяйства Казахстана, Кыргызстана, Таджикистана, Туркменистана и Узбекистана, прошедшая в рамках подготовки к Саммиту ООН по продовольственным системам, была посвящена вопросам внедрения инноваций в АПК.

Онлайн-совещание организовало Министерство сельского, водного хозяйства и развития регионов Кыргызской Республики. В мероприятии также приняли участие Генеральный директор Продовольственной и сельскохозяйственной организации ООН (FAO) Дунъюй Цюй и его заместитель Владимир Рахманин.

Были рассмотрены пути преобразования продовольственных систем, служащих интересам устойчивого развития. Также участники обменялись мнениями по ключевым задачам для дальнейшего улучшения продовольственных систем, перспективных стратегий в этом направлении.

Кроме того, состоялся обмен примерами инновационных подходов, реализуемых в странах Центральной Азии.

***Туркменистан и Казахстан имеют потенциал сотрудничества в сфере морского транспорта***

В сфере морского транспорта имеется потенциал грузовых и пассажирских перевозок между портами Актау, Курык (Казахстан) и Туркменбаши (Туркменистана).

Существуют перспективы активизации перевозок по исторической железнодорожной магистрали, связывающей регионы с Персидским заливом, в полной мере используя железную дорогу Казахстан – Туркменистан – Иран.

В МИД Республики Казахстан отмечают, что страна заинтересована в бесперебойных железнодорожных перевозках по этой магистрали для грузов, следующих из Республики Казахстан и третьих стран транзитом через территорию Туркменистана с выходом на Персидский залив. Также отмечается о крупнейших международных транспортных коридорах, как ТРАСЕКА, Транзитная железнодорожная магистраль, Север – Юг и другие, которые пролегают через территории двух стран.

***В Ашхабаде состоялся двухдневный семинар ПРООН по вопросам защиты прав человека***

Тренинг «Представление международной практики в области отчетности, мониторингу и оценки работы национальных правозащитных учреждений (НПЗУ)» был организован ашхабадским представителем ПРООН для сотрудников Аппарата Омбудсмена.

В ходе семинара участники рассказали о базовых принципах работы национальных правозащитных учреждений в защите и поощрении прав человека и выполнении мандата Омбудсмена в соответствии с Парижскими принципами и другими применяемыми международными стандартами.

Сотрудников Аппарата ознакомили с видами мониторинга, составлением и публикацией отчетов о мониторинге, составлением годовых и специальных докладов и с методами повышения осведомленности граждан о правах человека. Также были рассмотрены методы взаимодействия Омбудсмена с парламентом, методы анализа ситуации с правами человека, составления и продвижения своих рекомендаций и сотрудничества с общественными организациями.

***ЕС создал структуру для поддержки прорывных инноваций в малом и среднем бизнесе***

Европейская комиссия (ЕК) объявила о создании Европейского совета по инновациям (EIC) с бюджетом более 10 млрд евро на 2021-2027 годы для разработки и внедрения революционных инноваций малыми и средними предприятиями.

Уникальность созданного совета в том, что он соединяет исследования в области новых технологий с программами поддержки и специальным фондом акционерного капитала.

***Олимпиада в Токио пройдет без иностранных болельщиков***

Организационный комитет Олимпийских игр в Токио по итогам встречи с главами Международного олимпийского комитета (МОК) и Международного параолимпийского комитета (МПК) официально объявил о решении провести запланированные на лето Игры без зрителей из-за границы из-за распространения COVID-19.

***Страны ЕС подписали обязательства о выполнении основных проектов «Европейского десятилетия цифровых технологий»***

Страны Европейского союза, отмечая День цифровых технологий, подписали три декларации об объединении усилий и ресурсов в развитии международной связи, внедрении «чистых» цифровых технологий и улучшении нормативной среды для стартапов.

ЕС учредил единый инструмент внешнего финансирования для продвижения своих интересов в мире, а также объявил, что для этих целей выделит в предстоящие семь лет 79,5 млрд евро посредством единого инструмента финансирования.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*